# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
# K A R A R Y

«21» awgust 2015 ý. № 14384 Aşgabat ş.

## Ýolagçylary we goşlary awtoulagda daşamagyň düzgünlerini tassyklamak hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2015 ý. № 8, 3766-njy madda)

Türkmenistanyň ilatynyň awtomobil gatnamalaryna bolan isleglerini talaba laýyk kanagatlandyrmak, awtomobil ulaglarynda ýolagçylaryň ýokary hilli gatnadylmagyny, olara medeniýetli hyzmat edilmegini gazanmak, şeýle hem «Awtomobil ulagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Ýolagçylary we goşlary awtoulagda daşamagyň düzgünlerini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary S.Satlykow, Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministri M.Aýdogdyýew, Türkmenistanyň Içeri işler ministri I.Mulikow we Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B.Atdaýew gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2015-nji ýylyň 21-aji awgustynda
çykaran 14384-nji karary bilen
tassyklandy

## Ýolagçylary we goşlary awtoulagda daşamagyň düzgünleri

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 23.03.2019 ý. çykaran № 1179, 10.09.2019 ý. çykaran № 1405, 21.09.2020 ý. çykaran № 1910 we 02.12.2021 ý. çykaran № 2520 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

## I. Umumy düzgünler

1. Ýolagçylary we goşlary awtoulagda daşamagyň düzgünleri (mundan beýläk - Düzgünler) «Awtomobil ulagy hakyndaky», «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda işlenilip taýýarlandy we ýolagçylary awtomobil ulagynda gatnatmagyň we goşlary daşamagyň tertibini belleýär.

Şu Düzgünler şahsy we hojalyk hajatlary üçin hususy eýeçilikdäki awtomobil ulagynda adamlary gatnatmaga we goşlary daşamaga degişli däldir.

2. Ýolagçylary gatnatmak wagty bellenilen düzgünde (yzygiderli) we buýurma boýunça amala aşyrylýar.

3. Ýolagçy gatnawyny amala aşyrýan awtobuslaryň we ýeňil awtoulaglaryň ähli görnüşleriniň ulanylyş möhleti öndürilen ýyly hasaba alynmazdan 10 ýyldan, ýeňil taksileriň ulanylyş möhleti öndürilen ýyly hasaba alynmazdan 15 ýyldan köp bolmaly däldir.

Şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen ulanylyş möhleti geçen awtobuslarda we ýeňil awtoulaglaryň ähli görnüşlerinde (ýeňil taksiler muňa degişli däldir) ýolagçy gatnawy, olar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň we «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň wekillerinden ybarat bolan ýörite topar tarapyndan awtoulagyň eýesiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň gatnaşmagynda ýylda iki gezek barlagdan geçirilen hem-de oňyn netijä gelnen ýagdaýynda amala aşyrylyp bilner.

4. Awtobuslarda şäher we şäherýaka (yzygiderli hem-de buýurma esasynda) gatnawlarynda ýolagçylary gatnatmak awtoulagy öndüriji zawod tarapyndan bellenen ýolagçylaryň umumy ýerleşişiniň kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

5. Umumy peýdalanylýan ulag serişdelerinde ýeňillikli gatnamak hukugy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berilýär.

6. Şu Düzgünleriň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler:

**ýolagçy** - ýol resminamasy (mundan beýläk - petek) esasynda ýa-da başga kanuny esaslarda ýolagçy awtoulag serişdesinde gatnaýan şahsy tarap;

**goş** - ýolagçynyň alamatlary, möçberleri we agramy boýunça ýolagçy awtoulag serişdesiniň goş bölüminde daşalmagy gadagan edilmedik hem-de awtoulagda daşaýjy tarapyndan onuň jogapkärçiliginde daşalmaga alnan zatlary we başga emlägi;

**el goşy** - ýolagçynyň alamatlary, möçberleri we agramy boýunça ýolagçy awtoulag serişdesiniň içinde daşalmagy gadagan edilmedik hem-de ýolagçynyň jogapkärçiligi astynda daşalýan zatlary we başga emlägi;

**awtobus** - 8 adamdan köp bolan ýolagçylar üçin niýetlenen awtoulag serişdesi;

**ýeňil awtoulag** - 8 adamdan köp bolmadyk ýolagçylar üçin niýetlenen awtoulag serişdesi;

**ýeňil taksi** - dilden baglaşylan şertnama laýyklykda ýolagçylary gatnatmak we goşlary daşamak üçin ulanylýan ýeňil ulag serişdesi;

**yzygiderli gatnawlar** - ýolagçylary ugra we rejä laýyklykda wagty bellenen düzgünde awtoulag gatnawy düzgüninde gatnatmak;

**buýurma boýunça gatnawlar** - ýolagçylary baglaşylýan şertnama esasynda rejä garaşsyz belli bir möhlete berilýän ulag serişdesinde gatnatmak;

**şäher ugurlary** - şäheriň çäginde ýerine ýetirilýän ugur boýunça gatnawlar;

**şäherýaka ugurlary** - şäherden ýetmiş kilometriň çäklerinde ýerleşýän ilatly ýere çenli ýerine ýetirilýän gatnaw ugurlary;

**şäherara ugurlary** - uzynlygy ýetmiş kilometrden uzak bolan gatnaw ugurlary;

**halkara ugurlary** - Türkmenistanyň Döwlet serhedini kesip geçmek bilen ýerine ýetirilýän gatnaw ugurlary;

**duralga** - ulag serişdesiniň hökmany durmagy göz öňünde tutulan yzygiderli gatnawlaryň ugrundaky her bir nokat;

**umumy delilnama** - täjirçilik delilnamasynyň düzülmegine degişli bolmadyk ýagdaýlar barada resminama;

**täjirçilik delilnamasy** - goşlaryň kem çykandygyny, olara zeper ýetendigini ýa-da olaryň zaýalanandygyny tassyklaýan resminama.

## II. Yzygiderli gatnawlary guramagyň tertibi

7. Ýolagçylary yzygiderli gatnaw ugurlary boýunça gatnatmak ýolagçyny gatnatmak baradaky şertnamada bellenen nyrh boýunça amala aşyrylýar.

8. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan garamagyndaky yzygiderli gatnaw boýunça ýolagçylaryň gatnawynyň ýerine ýetirilmegine jogapkär awtoulag kärhanalarynyň daşamalaryň şol görnüşine ilatyň islegini özbaşdak doly kanagatlandyryp bilmedik halatlarynda, eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň razyçylygy boýunça olar bilen baglaşylýan şertnamalaryň esasynda olara degişli

awtobuslar umumy peýdalanylýan ulag tarapyndan hyzmat edilýän, bellenen şäher, şäherýaka we şäherara gatnawlary boýunça işe çekilip bilner.

9. Yzygiderli gatnawlar düzgüninde amala aşyrylýan awtobus gatnawlary şäher, şäherýaka, şäherara we halkara gatnaw ugurlary boýunça amala aşyrylýar.

10. Şäherara we halkara gatnawlarynda ýolagçylar hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasyna degişlidir. Ýolagçyny ätiýaçlandyrmanyň bahasy petegiň nyrhyna goşulandyr.

11. Yzygiderli gatnawlar reje boýunça amala aşyrylýar.

12. Ýolagçylaryň yzygiderli gatnawynyň rejesi (mundan beýläk - reje) duralga üçin düzülýär.

13. Rejede awtoulag serişdesiniň ugradylýan aralyklary, şol sanda gije-gündizdäki wagtyň döwürleri boýunça aralyklary ýa-da ulag serişdesiniň duralgadan ugramagynyň wagt tertibi görkezilýär.

14. Şäherara gatnawynda rejede ulag serişdeleriniň duralga gelmeginiň wagt tertibi hem görkezilýär.

15. Reje ulag serişdesiniň hökman durmagy göz öňünde tutulan yzygiderli gatnawlaryň ähli duralgalarynda ýerleşdirilýär.

16. Eger ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlara islegi ýylyň paslyna ýa-da hepdäniň günlerine bagly bolsa, reje ýylyň tomus we güýz-gyş möwsümleri we (ýa-da) iş, dynç alyş we baýramçylyk günleri üçin aýratyn düzülip bilner.

17. Rejä girizilen üýtgetmeler ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlarynyň üýtgedilen rejä laýyklykda amala aşyrylyp başlanmagyna çenli on günden gijä galynman ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

18. Duralgalar ulag serişdesiniň ýolagçylary mündürmek (düşürmek) üçin durmaly ýerini kesgitleýän görkezijiler bilen üpjün edilýär.

19. Görkezijilerde (awtoulag menzilleriniň çäklerinde ýerleşýän duralga nokatlaryndaky görkezijilerden başga) şu maglumatlar ýerleşdirilýär:

ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlaryny amala aşyrmak üçin ulanylýan ulag serişdesiniň (awtobusyň, trolleýbusyň) şertli belgisi;

duralganyň ady;

duralga düzümine goşulan yzygiderli gatnawlaryň ugurlarynyň belgileri;

yzygiderli gatnawlaryň her bir gatnawynyň ahyrky duralgasynyň ady;

duralgadan geçýän yzygiderli gatnawlaryň ähli ugurlarynyň rejesi.

20. Görkezijilerde ýatdan çykarylan we tapylan zatlar babatynda edilmeli hereketleriň tertibinden başga-da ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly beýleki maglumatlar hem ýerleşdirilip bilner.

## III.Awtoulag menzillerine bildirilýän talaplar

21. Awtoulag menzilleriniň enjamlaşdyrylyşy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan bellenen talaplara laýyk gelmelidir.

22. Ýolagçynyň awtoulag menzilinde ýerleşdirilen garaşylýan zallardan we hajathanalardan mugt peýdalanmaga hukugy bardyr.

23. Awtoulag menziliniň iş tertibi ulag serişdeleriniň gelýän we ugradylýan tertibine laýyk gelmelidir.

24. Awtoulag menziliniň esasy binasynda şu maglumatlar ýerleşdirilmelidir:

awtoulag menziliniň çäklerinde ýerleşýän duralgadan geçýän yzygiderli gatnawlaryň ähli ugurlary üçin umumy reje;

şol awtoulag menzilinden ugraýan awtoulag serişdeleriniň kysymlarynda orunlaryň ýerleşişiniň we belgilenişiniň çyzgysy;

yzygiderli gatnawlaryň ugurlarynyň şertli çyzgysy;

awtoulag menziliniň hyzmatlaryndan peýdalanmagyň kadalary.

25. Awtoulag menziliniň çäklerinde ýerleşen duralgadan geçýän yzygiderli gatnawlaryň ähli ugurlary üçin umumy reje kassa zalynda ýa-da garaşylýan zalda, şeýle hem awtoulag menziliniň binasynyň girelgesinde, gije-gündizlik däl tertipde işleýän awtoulag menziliniň binasynyň öň tarapynda awtoulag menziliniň çäklerinde ýerleşen duralgadan geçýän yzygiderli gatnawlaryň ähli ugurlary üçin umumy reje ýerleşdirilmelidir. Görkezilen rejede yzygiderli gatnawlaryň her bir ugur boýunça ulag serişdeleriniň gelýän we ugraýan wagty baradaky maglumatlar, şol sanda hepdäniň günleri we wagty (sagatlarda we minutlarda), ulag serişdesiniň yzygiderli gatnawlaryň ahyrky nokadyna gelýän wagty görkezilmelidir.

26. Şol awtoulag menzilinden ugraýan ulag serişdeleriniň kysymlarynyň orunlarynyň ýerleşişiniň we belgilenişiniň çyzgysy awtoulag menziliniň kassa zalynda ýa-da gönüden-göni kassalaryň daş tarapynda asylyp goýulýar. Şol çyzgyda orunlaryň ýerleşişi we belgilenişi görkezilýär.

27. Yzygiderli gatnawlaryň ugurlarynyň çyzgysy şertli grafiki şekil bolup, onda ulag serişdesiniň awtoulag menzilinden yzygiderli gatnawlaryň ugurlarynyň ahyrky nokatlaryna çenli geçýän ýoly görkezilýär. Görkezilen çyzgy garaşylýan zalda ýa-da awtoulag menziliniň kassa zalynda asylyp goýulýar. Çyzga şertli belgiler bilen şu maglumatlar girizilýär:

yzygiderli gatnawlaryň ugurlarynda duralganyň ýerleşen ilatly ýerleri;

çyzgyda görkezilen ilatly ýerlerden geçýän yzygiderli gatnawlaryň ugurlarynyň belgileri.

28. Awtoulag menziliniň hyzmatlaryndan peýdalanmagyň düzgünleri kassa zalynda, garaşylýan zalda we başga ýerlerde ýerleşdirilýär.

29. Awtoulag menziliniň binasynda esasy gulluklaryň, şol sanda garaşylýan zalyň, enäniň we çaganyň otagynyň, iýmit nokatlarynyň, lukmançylyk kömegi nokadynyň, goşlar saklanýan otaglaryň, dini dessurlary berjaý etmek üçin otaglaryň, hajathanalaryň, şeýle hem perronlarda we münülýän meýdançalarda ulag serişdeleriniň gelmegine we ugramagyna garaşylýan ýerleriň ýerleşişi görkezijilerde ýerleşdirilýär.

## IV. Ýolagçy gatnadýan ulag serişdesine bildirilýän talaplar

30. Ýolagçylary yzygiderli gatnatmak üçin ulanylýan ulag serişdeleri yzygiderli gatnawlaryň ugur görkezijileri bilen enjamlaşdyrylýar, şol görkezijiler:

ulag serişdesiniň öň tarapky aýnasynda we (ýa-da) öň tarapky aýnanyň ýokarky böleginde;

ulag serişdesiniň nowasynyň ýolagçylaryň münýän tarapynda;

ulag serişdesiniň yzky aýnasynda ýerleşdirilýär.

31. Yzygiderli gatnawlaryň gatnawynyň ulag serişdesiniň öň tarapky aýnasynda we (ýa-da) öň tarapky aýnasynyň ýokarky böleginde ýerleşdirilýän görkezijisinde yzygiderli gatnawlaryň gatnawynyň başlangyç we ahyrky duralgalarynyň atlary we gatnawyň belgisi elektron tablolarda we beýleki görnüşlerde ýazylýar.

32. Öň tarapky aýnada ýerleşdirilýän yzygiderli gatnawlaryň gatnawynyň görkezijisiniň beýikligi 140 mm çenli bolmalydyr.

33. Iki we şondan köp gapyly ulag serişdesinde daş tarapynda öňki gapysynda «Girelge», beýleki gapylarynda «Çykalga» diýen ýazgy ýazylýar.

34. Ulag serişdesiniň öň tarapky aýnasynda nowasynyň sag tarapynda daşaýjynyň doly ýa-da gysgaldylan ady görkezilýär.

35. Ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlary üçin ulanylýan ulag serişdesiniň içinde şu maglumatlar ýerleşdirilýär:

daşaýjynyň ady, salgysy we telefon belgisi, sürüjiniň ady, familiýasy;

ýolagçylaryň we goşlaryň gatnawlarynyň amala aşyrylyşyna gözegçiligi üpjün edýän edaranyň ady, salgysy we habarlaşmak üçin telefonlary;

ulag serişdesiniň oturmak üçin orunlarynyň belgisi oturgyçlaryň yzynda ýa-da gapdal tarapyndan görkezilýär;

ulagda gidilmegi, el goşunyň daşalmagy we goşlaryň daşalmagy üçin nyrhlar;

çagaly ýolagçylar we maýyplar üçin orunlaryň görkezijileri;

ýangyn söndüriji enjamlaryň ýerleşýän ýerleriniň görkezijileri;

ulag serişdesini duruzmak üçin düwmeleriň ýerleşýän ýerleriniň görkezijileri;

heläkçilikde çykalgalaryň görkezijileri we şol çykalgalardan peýdalanmagyň kadalary;

ýolagçylaryň ulag serişdesinden peýdalanmagynyň düzgünleri ýa-da şol düzgünlerden göçürme.

36. Ulag serişdesiniň içinde ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly beýleki maglumatlar hem ýerleşdirilip bilner.

37. Ulag serişdesinde daşaýjy şu Düzgünlerde göz öňünde tutulan üpjün edilmegi we enjamlaşdyrylmagy boýunça talaplaryň ýerine ýetirilişini barlamak üçin, şeýle barlagy amala aşyrmaga ygtyýarly edilen edaralaryň wezipeli adamlaryny ulag serişdesine goýbermäge borçludyr.

## V.Ýolagçy petegini ulanmagyň tertibi

38. Ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlar boýunça ulagda gitmegi petekler boýunça amala aşyrylýar.

39. Ähli maglumatlar ýa-da olaryň bir bölegi elektron görnüşinde görkezilen petekler ulanylan halatynda, daşaýjy ýolagçy oňa ýüz tutanda görkezilen ähli maglumatlar barada, şol sanda petegiň güýjüniň tamamlanýan möhleti we ulagda gitmegiň galan möçberi barada maglumatlary bermäge borçludyr.

40. Eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýolagçylar baradaky şahsy maglumatlar olar baradaky şahsy maglumatlaryň awtomatlaşdyrylan merkezi binýatlaryna berilmäge degişli bolsa, yzygiderli gatnawlar ýolagçylaryň atlary ýazylan petekleri ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

Ýolagçylaryň atlary ýazylan petekler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýolagçynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň (on alty ýaşa çenli ýaşly çagalar üçin - dogluş hakyndaky şahadatnamanyň) esasynda resmileşdirilýär.

41. Petekde gysgaltmalardan, kodlardan ýa-da şertli belgilerden ybarat maglumatlara düşündirişler bolmalydyr. Petekde ornuň ýetmeýän halatynda görkezilen düşündirişler ýolagçylaryň dykgatyna islendik elýeterli görnüşde ýetirilmelidir.

42. Şäher we şäherýaka gatnawlarynda ulag serişdesinde gitmek üçin petekleriň ýerlenmegi:

petekleriň ýerlenilmegi ýöriteleşdirilen nokatlarda, awtomenzillerde we başga ýerlerde;

ulag serişdelerinde (sürüjiler tarapyndan);

şäher we şäherýaka gatnawlarynda awtobuslarda ýerlenilen petekleriň möçberi awtobusyň şol görnüşini öndürýän zawod tarapyndan bellenen umumy ýerleşip biljek orunlaryň möçberinden ýokary geçmeli däldir.

43. Şäherara gatnawynda gitmek üçin petekleriň ýerlenilmegi awtoulag menzilleriniň kassalarynda ýa-da petekleriň satuwynyň beýleki nokatlarynda amala aşyrylýar, şeýle nokatlaryň ýok halatynda petekler sürüjiler tarapyndan gönüden-göni awtoulag serişdesiniň duralga nokadyndan ugramagyna çenli oňa ýolagçylar mündürilende ýerlenilýär.

44. Şäherara gatnawynda gitmek üçin petekleriň satuwy ulag serişdesiniň ugradylmagyna çenli azyndan on gije-gündiz öňünden başlanýar we onuň ugramagyna bäş minut galanda tamamlanýar. Öňünden ýerlenilende şol gatnaw üçin awtobusa petekleriň 80 göteriminden köp däl bölegi ýerlenilip bilner. Petekleriň galan 20 göterimi kassalaryň üsti bilen gündelik ýerlenilýär.

Petekleriň öňünden satuwy awtobusyň ugramagyna çenli üç gün galanda tamamlanýar.

45. Petek satyn almaga isleg bildirýän ýolagçylaryň sany ulag serişdesiniň gurluşy boýunça göz öňünde tutulan ýerleşip biljek möçberinden artýan bolsa ýa-da gatnawlar diňe oturmak üçin ýer berlip amala aşyrylanda oturmak üçin boş ýerleriň ýok halatynda, petekleri satmakdan ýüz dönderilip bilner. Ulag serişdesine ýolagçylaryň ýerleşmeli sanynyň kadalarynyň berjaý edilişine we oturmak üçin boş ýerleriň bardygyna gözegçiligi sürüji amala aşyrýar.

46. Berlen ulag serişdesinde onuň gurat däldigi, awtoulag hadysasyna sezewar bolmagy ýa-da başga sebäpler bilen baglanyşykly gitmegiň bes edilen halatynda, ýolagçylaryň gitmek üçin satyn alnan petekden daşaýjy tarapyndan görkezilen başga ulag serişdesinde gitmek üçin peýdalanmaga hukugy bardyr.

## VI.Ýolagçynyň goşuny we el goşuny daşamagyň tertibi

47. El goşlarynyň düzüminde olaryň gaplanyşynyň görnüşine garamazdan, zatlary äkitmäge rugsat berilýär.

48. El goşlarynyň bitewiligini we abatlygyny üpjün etmek ýolagçynyň borjy bolup durýar. El goşlaryny oturmak üçin niýetlenen ýerlerde, oturgyçlaryň arasyndaky geçelgede, ulag serişdesine girelgede ýa-da çykalgada, şol sanda heläkçilikde çykalgada ýerleşdirmek gadagan edilýär.

49. Ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlarynda el goşlaryny we goşlary äkitmegiň, şol sanda olaryň mugt alnyp gidilmeginiň ölçegleri daşaýjy tarapyndan aşakdaky görnüşde bellenilýär:

möçberi iki orundan köp bolmadyk, her biriniň uzynlygynyň, ininiň we beýikliginiň jemi bir ýüz segsen santimetrden geçmeýän goşlary ulag serişdesiniň goşlar bölüminde ýa-da aýratyn ulag serişdesinde tölegli alyp gitmäge hukuk berilýär;

möçberi bir orundan köp bolmadyk, uzynlygynyň, ininiň we beýikliginiň jemi bir ýüz ýigrimi santimetrden geçmeýän el goşlaryny, bir çaga arabasyny mugt äkitmäge hukuk berilýär;

düýbi ýapyk kapasalarda (sebetlerde, gutularda, konteýnerlerde we beýlekilerde) ölçegleri ýokarda görkezilen talaplara laýyk gelýän bolsa, haýwanlary we guşlary alyp gitmäge ýol berilýär.

50. Daşaýja tabşyrylan goşlar ýolagçyny gatnatmak amala aşyrylýan ulag serişdesiniň goşlar bölüminde ýa-da ýolagçydan aýratyn goşlar üçin niýetlenen awtomobilde daşalýar.

51. Ulag serişdeleriniň goşlar bölümlerinde daşalýan goşlary ýüklemek we düşürmek ýolagçy tarapyndan amala aşyrylýar.

52. Goşlar daşamak üçin gabyny ýa-da daňysyny açman kabul edilýär.

53. Goşlaryň we el goşlaryň düzüminde ýakymsyz ysly we howply (tiz ot alýan, partlaýan, zäherli, çüýrediji we beýleki) maddalary daşlyksyz we gapsyz sowuk hem-de ot açýan ýaraglary, şeýle hem ulag serişdelerini ýa-da ýolagçylaryň eşiklerini hapalaýan zatlary äkitmäge ýol berilmeýär.

54. Goşlaryň gaby goşlaryň daşalmagynyň bütin dowamynda olaryň bitewiligini we abat saklanylmagyny üpjün etmelidir.

55. Azyk önümleriniň, şol sanda tiz zaýalanýan azyk önümleriniň ulag serişdeleriniň goşlar bölümlerinde we goşlar üçin niýetlenen awtomobillerde temperatura düzgünini saklaman daşalmagy iberijiniň jogapkärçiliginde amala aşyrylýar.

56. Mugt alnyp gidilmeli ölçegden ýokary bolan goşlary daşaýja tabşyrmak goş töleg haty esasynda resmileşdirilýär.

57. Goş töleg hatynda hökmany maglumatlar bolmalydyr. Goş töleg hatynyň görnüşi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan kesgitlenýär.

58. Goş töleg hatynda ýolagçylaryň yzygiderli gatnawlaryny amala aşyrmagyň aýratyn şertlerini nazara alýan goşmaça maglumatlar ýerleşdirilip bilner.

59. Goşlaryň her bir orny üçin goş birkasy berkidilýär, onuň göçürme nusgasy ýolagça berilýär.

60. Yglan edilen gymmatlykly goşlar daşamak üçin tabşyrylanda, goş töleg hatynda goşlaryň yglan edilen bahasy, şeýle hem yglan edilen gymmatlykly goşlaryň daşamaga kabul edilendigi üçin goşmaça tölegiň möçberi görkezilýär.

61. Birnäçe orunlyk goşlar daşamak üçin tabşyrylanda, ýolagçynyň goş töleg hatynda her bir ornuň yglan edilen bahasyny ýa-da ähli orunlaryň yglan edilen bahasynyň umumy jemini görkezmäge hukugy bardyr.

62. Goşlar goş töleg hatyny we goş birkasyny görkezen adama berilýär. Goş töleg hatynyň ýa-da goş birkasynyň ýitirilen halatynda, goşlar olaryň düzümine girýän zatlaryň takyk alamatlaryny ýazmaça görkezip, olara öz hukugyny subut eden adama berlip bilner.

63. Eger ýolagçy barmaly ýerinden öň ulagdan düşüp, öz goşlaryny almak isleýän bolsa, ulag serişdesiniň duralgada durýan wagty we goşlar bölüminde goşlaryň ýükleniş şertleri şeýle etmäge mümkinçilik berýän bolsa, goşlar ýolagça berlip bilner. Goşlaryň ýolagça ýoluň ugrunda berlen halatynda, geçilmedik aralyk üçin pul gaýtarylyp berilmeýär.

64. Goşlaryň olar üçin niýetlenen ulag serişdelerinde daşamak üçin kabul edilmegi petek görkezilende geçirilýär.

65. Goşlar daşamak üçin niýetlenen ulag serişdelerine olaryň ýüklenmegini we ýerleşdirilmegini kynlaşdyrmaly däldir, şeýle hem beýleki ýolagçylaryň goşlaryna zyýan ýetirmeli däldir.

66. Gabynda ýitirilmegi ýa-da zaýalanmagy babatda howatyrlanma döretmeýän kemçilikleri bolan goşlar, şol kemçilikleri daşamak üçin resminamalarda görkezmek bilen, goşlar üçin niýetlenen awtomobilde daşamak üçin kabul edilip bilner.

67. Getirilen goşlar ýolagçyny gatnatmak baradaky şertnama laýyklykda ýolagçynyň şol nokada gelen gününden gijä galynman goşlaryň getirilmeli ýerinde berilýär.

68. Goşlar üçin niýetlenen awtomobilde getirilen, ýöne eltilmeli ýerinde onuň getirilen gününden bir gije-gündizden köp wagt (doly däl gije-gündiz doly gije-gündiz diýlip hasaplanylýar) talap edilip alynmadyk goşlaryň saklanmagy üçin daşaýjy tarapyndan bellenen möçberde töleg alynýar. Eger goşlar eltilmeli ýerine ýolagçydan öň eltilen bolsa, şeýle goşlaryň saklanandygy üçin onuň eltilen gününden ýolagçynyň gelen gününden soňraky güne çenli töleg alynmaýar.

69. Ýitirilendigi, orunlaryň ýetmeýändigi ýa-da goşlara zeper ýetendigi (olaryň zaýalanandygy) ýüze çykarylanda, daşaýjy goş töleg hatyny ýa-da goş birkasyny görkezen tarapyň talap etmegi boýunça iki nusgada täjirçilik delilnamasyny düzýär,

şol nusgalaryň biri görkezilen tarapa onuň daşaýja şikaýat bildirmegi üçin gowşurylýar.

70. Eger daşaýjynyň ýitirilendigi ýa-da kem çykandygy üçin degişli öwezini dolmany tölän goşlary soňra tapylsa, şol goşlar täjirçilik delilnamasyny görkezen adama şol goşlaryň ýitirilendigi ýa-da kem çykandygy üçin oňa öň tölenen puly gaýtaran halatynda berilýär.

71. Satyn alnan petegiň we goş töleg hatynyň esasynda puluň gaýtarylmagy, ýolagçynyň petegi satyn alan ýerinde, şeýle hem daşaýjy tarapyndan görkezilen peteklериň ýerlenilýän beýleki ýerlerinde geçirilýär.

## VII. Ýolagçynyň hukuklary

72. Ýolagçylaryň «Awtomobil ulagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda görkezilenlerden başga şulara hukuklary bardyr:

petek satyn alnan ulag serişdesiniň ugraýan wagtyndan üç sagat gijä galan ýagdaýynda ýa-da ulag serişdesiniň ugran pursadyndan ýarawsyzlygy, betbagtçylykly hadysa sebäpli üç gije-gündiz gijä galan halatynda, ulagda gidilmegi, goşlaryň daşalmagy üçin nyrhyň ýigrimi bäş göterimi möçberde goşmaça tölegi tölände, başga ulag serişdesinde gitmek üçin petegiň güýjüni dikeltmäge ýa-da onuň bahasyndan ýigrimi bäş göterimi aýrylanda gatnamak, goşlary daşamak üçin tölän nyrhyny (mundan beýläk - ýol nyrhy) yzyna almaga;

ulag serişdesiniň ugramagyna çenli iki sagatdan gijä galman petegi yzyna gaýtaran halatynda daşaýjy tarapyndan ýol nyrhynyň bahasyndan bäş göterimi tutulyp alynmagy bilen yzyna almaga ýa-da petegi şol möhletden giç, ýöne ulag serişdesiniň ugramagyna çenli gaýtaryp beren halatynda, gitmek, goşlary daşamak üçin peteklериň bahasynyň daşaýjy tarapyndan on bäş göterimi tutulyp alnan möçberini yzyna almaga;

ýolagçyny onuň barmaly ýerine çenli alyp gitmegi dowam etdirmek daşaýja bagly bolmadyk sebäplere (adatdan daşary ýagdaýlara) görä mümkin bolmadyk halatynda, ýol nyrhynyň ýolagçynyň geçmedik aralygyna deň möçberini yzyna almaga;

ýolagçynyň ulag serişdesiniň ugramagyna çenli petegi pulhana gaýtaryp bermäge we ýol nyrhynyň doly we bölekleýin bahasyny yzyna almaga şu halatlarda hukugy bardyr:

ulag serişdesiniň ugradylmagy ýatyrylanda;

ulag serişdesiniň ugradylmagy bir sagatdan köp wagt bökdelende;

ýolagça gatnaw üçin petek satylan ulag serişdesinden gatnaw üçin has pes nyrhly ulag serişdesinden orun berlende;

petekde görkezilen orun berilmände;

ýol nyrhy has pes bolan ulag serişdesinde gitmäge razy bolan halatynda, tölenen puluň möçberi bilen gitmek, goşlary daşamak üçin degişli tölegiň arasyndaky tapawudy almaga;

rejede görkezilen ulag serişdesindäki nyrhdan gitmegi, goşlary daşamak üçin tölegi has ýokary nyrhly ulag serişdesi berlen halatynda gitmegi, goşlary alyp gitmek goşmaça tölegsiz amala aşyrmaga.

73. Şu Düzgünleriň 72-nji bölüminde göz öňünde tutulan halatlarda ýol nyrhynyň bahasyny ýolagça gaýtaryp bermek daşaýjy tarapyndan 10 günden gijä galynman amala aşyrylýar.

74. Ýolagça petegiň, goş töleg hatynyň kabul edilip, degişli tölegiň yzyna gaýtarylandygy barada resminama gol çekdirilip, resminamanyň birinji nusgasy ýolagça berilýär, ikinji nusgasy daşaýjyda galdyrylýar.

75. Petegiň we goş töleg hatynyň bahasynyň tölenendigi petekleriň satylýan nokadynyň kassiriniň goly bilen tassyklanýar.

76. Ýolagçylarda petekleriň we goş töleg hatynyň bardygy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şeýle gözegçilik üstüne ýüklenen wezipeli adamlar (mundan beýläk - gözegçi) tarapyndan amala aşyrylýar.

Eger yzygiderli gatnaw şu Düzgünlerde göz öňünde tutulan ýolagçylaryň ady, familiýasy ýazylan petekler boýunça amala aşyrylýan bolsa, ýolaçylary ulag serişdesine mündürmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ady, familiýasy ýazylan petek, şeýle hem ýolagçynyň şahsyýetini tassyklaýan, ýolagçynyň ady, familiýasy ýazylan petek esasynda resmileşdirilen resminama (on alty ýaşa çenli ýaşly çagalar üçin - dogluş hakyndaky şahadatnama) görkezilende amala aşyrylýar.

77. Ýolagçy:

ulag serişdesinde barlananda peteksizdigi ýüze çykarylanda;

eger petege möhür basylmagy hökmany bolsa, möhür basylandygy baradaky belliksiz petegi görkezende;

galp ýasalan petegi görkezende;

hereket edýän möhleti tamamlanan ýa-da petekde görkezilen ady, familiýasy we şahsyýeti tassyklaýan resminamanyň belgisiniň şol adam tarapyndan görkezilen şahsyýeti tassyklaýan resminamadaky ada, familiýa we belgä laýyk gelmeýän petegi görkezende;

öň ulanylan petegi görkezende;

ulagda gatnaw üçin töleg tölenende artykmaçlyk berlen adama niýetlenen petegi görkezen we ýanynda şeýle ýeňilligiň berilmegine hukugyny tassyklaýan resminamasy bolmadyk adam peteksiz hasaplanýar.

78. Peteksiz ýolagçy mündürilen duralgasyndan barmaly duralgasyna çenli awtoulagda gatnaw üçin tölegi daşaýjynyň bellän tertibinde töleýär. Eger görkezilen adam awtoulag serişdesinden düşmek isleýändigini aýtsa, şol adam ulag serişdesinden düşjek duralgasyna çenli onuň gatnaw aralygy tölenmäge degişlidir. Eger ýolagçynyň münen duralgasyny kesgitlemek mümkin bolmasa, ýol nyrhy ulag serişdesiniň ugraýan başlangyç duralgasyndan hasaplanýar.

79. Ulaga gatnaw üçin töleg tölemekde artykmaçlyk berlen adam üçin niýetlenen petek görkezilen artykmaçlyga hukugy tassyklaýan resminamanyň görkezilmedik halatynda, şol petek ýolagçynyň elinden alynýar. Petegi elinden almak delilnama esasynda resmileşdirilýär, şol delilnamanyň asyl nusgasy şeýle petegi görkezen adama gowşurylýar.

80. Ýolagçy bilen bilelikde çagalar gatnaýan halatynda, gözegçileriň şeýle ýolagçydan çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamany görkezmegi talap etmäge hukugy bardyr.

81. Ulag serişdesinde daşalmagy ýa-da daşalmagy töleg tölenmäge degişli we goş töleg haty resmileşdirilmedik goşlar ýüze çykarylanda, şol goşlaryň eýesi olaryň daşalmagy üçin münen nokadyndan barjak nokadyna çenli tölegi daşaýjy tarapyndan bellenen tertipde tölemäge borçludyr. Eger görkezilen goşlaryň eýesi ulag serişdesinden düşmekçidigini mälim etse, şol goşlaryň eýesiniň ulag serişdesinden düşýän duralgasyna çenli goşlaryň daşalmagy üçin töleg tölenmäge degişlidir. Eger ýolagçynyň münen duralgasyny kesgitlemek mümkin bolmasa, goşlaryň daşalmagy üçin nyrh ulag serişdesiniň ugraýan başlangyç duralgasyndan hasaplanýar.

82. Ýolagçynyň peteksiz gitmegi Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksinde bellenen temmi çäreleriniň ulanylmagyna getirýär.

## VIII. Buýurmalar boýunça gatnawlar

83. Ýolagçylary buýurma boýunça gatnatmak ýazmaça görnüşde baglaşylan awtoulagda gatnatmak baradaky şertnamanyň esasynda berlen ulag serişdesi bilen, şertnamada kesgitlenen şertler esasynda amala aşyrylýar. Bu şertnamada aşakdakylar beýan edilýär:

awtoulagda daşaýjy we awtoulagda gatnawlary buýrujy baradaky maglumatlar;

berilýän ulag serişdesiniň görnüşi (zerur bolanda - ulag serişdeleriniň sany);

gatnaw we ulag serişdesiniň berilýän ýeri;

gatnawy ýerine ýetirmegiň möhletleri;

ulag serişdesinden peýdalanylandygy üçin tölegiň möçberi.

84. Awtoulagda daşaýjy tarapyndan ýolagçylary buýurma boýunça gatnatmak üçin awtoulagda gatnatmak baradaky şertnamanyň şertlerine laýyk gelmeýän ulag serişdesiniň berilmegi ýa-da gijä galynyp berilmegi ulag serişdesiniň berilmändigi hasaplanýar. Awtoulag serişdesiniň berilmedik halatynda, awtoulagda gatnawy buýrujynyň awtoulagda gatnatmak baradaky şertnamany ýerine ýetirmekden ýüz döndermäge we awtoulagda daşaýjydan şertnamada kesgitlenen puşmana puluny almaga hukugy bardyr.

85. Ýolagçylary buýurma boýunça gatnatmak üçin berlen ulag serişdesinde onuň gurat däldigi, ýol-ulag hadysasyna sezewar bolandygy sebäpli we şoňa meňzeş sebäplere görä gatnatmak mümkin bolmadyk halatynda, awtoulagda daşaýjy awtoulagda daşamagy buýrujy bilen ylalaşyk esasynda başga awtoulag serişdesini bermäge ýa-da tölenen nyrhy gaýtaryp bermäge borçludyr.

86. Eger kanunçylykda başgaça bellenmedik bolsa, ýolagçylary buýurma boýunça gatnatmagyň ugry awtoulagda gatnatmak baradaky şertnama esasynda kesgitlenýär we raýatlaryň ömrüni, saglygyny we emlägini goramagy, olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramagy, şeýle hem daşky gurşawy goramagy üpjün etmek maksady bilen, «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryna doly laýyk gelmelidir.

## IX. Buýurmalar boýunça gatnawlarda ýolagçynyň goşuny we el goşuny daşamagyň tertibi

87. Goşlary, el goşlaryny, ýolagçylary buýurma boýunça gatnatmak üçin berilýän ulag serişdesinde äkitmegiň düzgünleri awtoulagda daşaýjy tarapyndan bellenýär.

88. Eger goşlaryň, el goşlarynyň düzümine girýän zatlaryň aýratynlyklary ýa-da gaplanyşy şu Düzgünleriň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa, awtoulagda daşaýjynyň goşlary daşamak üçin kabul etmekden, el goşlaryny daşamakdan ýüz döndermäge hukugy bardyr.

89. Eger el goşlarynyň ulag serişdesinde ýerleşdirilmegi ýolagçylaryň ulag serişdesine girmegine, ýolagçylaryň ulag serişdesinden çykmagyna päsgel berse, awtoulagda daşaýjynyň el goşlaryny daşamakdan ýüz döndermäge hukugy bardyr.

## X. Buýurmalar boýunça ýolagçy gatnadýan ulag serişdesine bildirilýän talaplar

90. Ýolagçylary buýurma boýunça gatnatmak üçin berilýän ulag serişdesinde:
ulag serişdesiniň öň tarapky aýnasynyň ýokarsynda we (ýa-da) öň tarapky aýnasynyň ýokarky böleginde;
ulag serişdesiniň nowasynyn onuň dolandyrylýan tarapyndan sag tarapynda;
ulag serişdesiniň yzky aýnasynda «Sargyt» diýen ýazgy ýerleşdirilýär.
91. Öň tarapky aýnada ýerleşdirilýän ýazgynyň beýikligi 140 mm-den geçmeli däldir.

## XI. Ýolagçy bilen bilelikde barýan çagalary gatnatmagyň tertibi

92. Ýolagçynyň yzygiderli gatnawda şäher we şäherýaka gatnaw ugurlarynyň awtobuslarynda ýedi ýaşa çenli çagalary, şäherara gatnaw ugurlarynyň awtobuslarynda bäş ýaşa çenli bir çagany aýratyn orun berilmezden öz ýany bilen mugt alyp gitmäge hukugy bardyr.
93. Ýolagçynyň şäherara ugur boýunça gatnaýan awtobuslarda olara oturmaga aýratyn ýerleri almak bilen, olar üçin gatnaw bahasynyň 50 göteriminden geçmeýän tölegi töläp, on iki ýaşdan uly bolmadyk çagalary öz ýany bilen alyp gitmäge hukugy bardyr. Ýolagçy ýany bilen gidýän çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasyny öz ýanyna almaga borçludyr we şol resminama gatnaw üçin tölegiň tölenişine gözegçiligi amala aşyrýan adamlaryň ilkinji talaby boýunça hökmany tertipde görkezilmelidir.

## XII. Ýolagçylary eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ýeňil takside gatnatmagyň we goşlary daşamagyň tertibi

94. Ýolagçylary ýeňil takside gatnatmak buýrujy tarapyndan ýeňil taksiniň sürüjisi bilen gönüden-göni dilden baglaşylýan şertnamanyň esasynda ýa-da daşaýjy tarapyndan ýeňil taksini hakyna tutmak baradaky buýurmanyň esasynda amala aşyrylýar.
95. Buýurma islendik aragatnaşyk serişdelerini ulanmak arkaly, şeýle hem daşaýjynyň ýerleşýän ýerinde kabul edilýär.
96. Daşaýjy kabul edilen buýurmany hasaba alyş kitabynda (ýa-da elektron görnüşde) şu maglumatlary oňa ýazmak arkaly hasaba almaga borçludyr:
buýurmanyň belgisini;

buýurmanyň kabul edilen senesini;

buýurmanyň ýerine ýetirilmeli senesini we wagtyny;

ýeňil taksiniň berlen ýerini;

eger şertnamada buýrujy tarapyndan ýeňil taksiniň kysymyny saýlamak göz öňünde tutulýan bolsa, ýeňil taksiniň kysymyny; ýeňil taksiniň berilmegi göz öňünde tutulýan wagty.

97. Ýerine ýetirmek üçin kabul edilen buýurmanyň belgisi buýruja habar berilýär.

98. Ýeňil taksi onuň berilmeli ýerine gelende, daşaýjy ýeňil taksiniň ýerleşýän ýerini, döwlet hasaba alyş belgisini, kysymyny eýle hem sürüjiniň familiýasyny, adyny we ýeňil taksiniň hakyky berilýän wagtyny buýruja habar berýär.

99. Ýeňil taksi iş güni tamamlanandan soňra, hemişelik durýan ýerine gidende diňe hemişelik durýan ýeriniň golaýynda ýerleşýän ýerleşýän ýere eltmek üçin gatnawy ýerine ýetirip biler.

100. Ýeňil takside gatnawyň ugry daşaýjy tarapyndan kesgitlenýär. Eger görkezilen ugur kesgitlenmedik bolsa, ýeňil taksiniň sürüjisi gatnawy iň gysga ugur boýunça amala aşyrmaga borçludyr.

101. Ýeňil taksiden peýdalanylandygy üçin töleg şeýle halatda ýeňil takside oturdylýan taksi hasaplaýjysynyň görkezijilerine laýyklykda gatnawyň hakyky aralygyndan ugur alnyp bellenen nyrhlaryň esasynda ýa-da ýeňil taksiniň hakyky geçen ýoluna garamazdan, ýeňil taksiden peýdalanylan hakyky wagt esasynda kesgitlenýär.

102. Daşaýjy buýrujynyň talap etmegi boýunça ýeňil taksiden peýdalanylandygy üçin tölegiň tölenendigini tassyklaýan töleg kagyzçasyny bermäge borçludyr.

103. Gapylardan erkin girýän, oturgyçlary hapalamaýan we zaýalamaýan, sürüjä ýeňil taksini dolandyrmaga we yz görülýän aýnalardan peýdalanmaga päsgel bermeýän el goşlaryny ýeňil takside daşamaga rugsat berilýär.

104. Goşlar ýeňil taksiniň goşlar bölüminde goşmaça töleg esasynda daşalýar. Goşlaryň gabaralary olary goşlar bölüminiň gapagyny ýapyp daşamagy amala aşyrmaga mümkinçilik bermelidir.

105. Ýeňil taksilerde ýakymsyz ysly we howply (tiz ot alýan, partlaýjy, zäherli, posladyjy we beýlekiler) maddalary, daşlyksyz we gapsyz sowuk we ot açýan ýaraglary, ulag serişdelerini ýa-da ýolagçylaryň eşiklerini hapalaýan zatlary (närseleri) daşamak gadagan edilýär. Eger bu sürüjä ýeňil taksini dolandyrmaga we yz görülýän aýnalardan peýdalanmaga päsgel bermeýän bolsa, boýun ýüpler we düşekler bolanda, tumşuklyk geýdirilen itleri, düýbi ýapyk kapasalarda (sebetlerde,

gutularda, konteýnerlerde we beýlekiler) ownuk haýwanlary we guşlary ýeňil taksilerde alyp gitmäge ýol berilýär.

106. Yeňil taksi tapawutlandyryjy çyra bilen enjamlaşdyrylýar, ol çyra ulag serişdesiniň depesinde oturdylýar we ýeňil taksi ýolagçylary gatnatmaga taýýar bolanda işledilýär.

107. Yeňil taksiniň öň tarapky panelinde sürüjiden sag tarapda şu maglumatlar ýerleşdirilýär:

daşaýjynyň doly ýa-da gysgaldylan ady; ýeňil taksiden peýdalanylandygy üçin tölegiň şertleri; sürüjiniň suraty ýerleşdirilen, özi barada maglumatlar ýazylan ýazmajy;

ýolagçylaryň gatnadylmagyna gözegçiligi amala aşyrýan edaranyň ady, salgysy we habarlaşmak üçin telefon belgileri.

108. Yeňil takside şol ulag serişdesinden peýdalanmagyň düzgünleri bolmalydyr, şol düzgünler buýruja onuň talap etmegi boýunça görkezilmelidir.

109. Yeňil taksilerde şu Düzgünlerde göz öňünde tutulan üpjün etmek we enjamlaşdyrmak boýunça talaplaryň ýerine ýetirilişiniň barlagyny geçirmek üçin, sürüji wezipeli adamlary ýeňil taksa goýbermäge borçludyr.

110. Ýeňil taksileriň duralgalary ýörite ýol belgisi bilen belgilenmelidir.

111. Ýeňil taksiler bilen ýolagçylary gatnatmak işi ygtyýarlylandyrylan halatynda amala aşyrylýar. Degişli ygtyýarnamasy bolan edara görnüşli we şahsy taraplar tarapyndan ýeňil taksiler bilen ýolagçylary gatnatmak işini amala aşyrmaga goşmaça talaplar:

sürüji ygtyýarly edaranyň wezipeli adamlarynyň, içeri işler edaralarynyň ýol gözegçilik gullugynyň işgärleriniň, ýolagçylaryň talap etmegi boýunça ygtyýarnamasyny görkezmelidir;

ýeňil taksileriň nowasynyň reňki sary ýa-da ak, depelerinde tapawutlandyryjy çyraly, ulaglaryň içinde bolsa taksi hasaplaýjysy oturdylan bolmalydyr.

112. Şu Düzgünleriň talaplarynyň bozulmalary ýüze çykarylan halatynda, barlagy geçiren ygtyýarly wezipeli adamlar bellenen görnüşdäki namany iki nusgada - birini Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksine laýyklykda ýüze çykarylan düzgün bozulmalary aradan aýyrmak boýunça düzgün bozuja soňra çäräni ulanmaga salgyt gullugynyň edaralaryna -bermek üçin, beýlekisini bolsa salgyt gullugynyň edaralary tarapyndan düzgün bozuja görlen çärelere gözegçilik etmek üçin öz işleýän edarasynda saklamak üçin düzýärler.

113. Hususy ýeňil taksileriň eýeleri we salgyt gullugynyň edaralary tarapyndan şu Düzgünleriň berjaý edilişine gözegçilik edýän edaralaryň arasynda ýüze çykarylan düzgün bozmalar we olaryň aradan aýrylmagy boýunça özara

deňeşdirmesi her aýyň birinji ongünliginde geçirilmelidir we ikitaraplaýyn düzülen teswirnama bilen resmileşdirilmelidir.

## XIII. Awtoulagda daşaýjynyň jogapkärçiligi

114. Ýolagçylary gatnatmak baradaky şertnamada göz öňünde tutulan borçnamalaryň ýerine ýetirilmändigi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirilmändigi üçin, şol şertnamada daşaýjynyň buýruja puşmana puluny tölemegi göz öňünde tutulyp bilner.

115. Şeýle hem buýrujynyň özüne ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy daşaýjydan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde talap etmäge hukugy bardyr.

116. Eger daşaýjy özüne bagly bolmadyk sebäplere görä öňüni alyp bilmedik ýa-da aradan aýryp bilmedik ýagdaýlarynyň netijesinde ýükleriň ýitirilmeginiň, kem çykmagynyň ýa-da olara zeper ýetirilmeginiň (olaryň zaýalanmagynyň) bolup geçendigini subut etmese, daşaýjy ýükleriň daşamak üçin alnan pursadyndan abat saklanmagy üçin jogapkärçilik çekýär.

117. Goşlaryň bahasy ýolagçylary gatnatmak baradaky şertnamada göz öňünde tutulan goşlaryň bahasyndan ugur alnyp, şertnamada bahasynyň görkezilmedik halatynda, deňeşdirilýän ýagdaýlarda şoňa meňzeş harytlar üçin adatça alynýan nyrhdan ugur alnyp kesgitlenilýär.

118. Daşaýjy daşalýan goşlaryň ýitirilmeginiň, kem çykmagynyň, olara zeper ýetirilmeginiň (olaryň zaýalanmagynyň) netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen bir hatarda, eger daşamak üçin töleg goşlaryň bahasyna girmeýän bolsa, ýitirilen, kem çykan, zeper ýetirilen (zaýalanan) goşlary daşamak üçin alnan tölegi ýolagça gaýtaryp berýär.

.119. Eger ýolagçy el goşlarynyň abat saklanmandygynyň daşaýjynyň günäsi bilen bolup geçendigini subut etmese, daşaýjy jogapkärçilikden boşadylýar.

## XIV. Buýrujynyň, ýolagçynyň jogapkärçiligi

120. Ýolagçyny gatnatmak baradaky şertnamada göz öňünde tutalan ulag serişdesinden peýdalanmakdan ýüz dönderilendigi üçin, buýrujynyň daşaýja puşmana puluny tölemegi şertnamada görkezilip bilner.

121. Awtoulagda daşaýjynyň özüne ýetirilen zyýanyň öwezini. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde buýrujydan talap etmäge hukugy bardyr.

122. Ulag serişdeleriniň bökdelmegi (boş durmagy) üçin puşmana puly şertnamada göz öňünde tutulan buýurmany ýerine ýetirmekden ýüz dönderilendigi üçin puşmana tölegine garamazdan, şol şertnamada göz öňünde tutulyp bilner. Ulag serişdeleriniň gelen we giden wagty barada ýol resminamalaryndaky bellikler ulag serişdeleriniň bökdelmegi (boş durmagy) üçin şertnamada göz öňünde tutulan puşmana puluny hasaplamaga esas bolup hyzmat edýärler.

123. Daşamak üçin tabşyrylan goşlaryň düzüminde daşamak gaadagan edilen zatlaryň iberilendigi üçin, Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksine laýyklykda buýrujy, ýolagçy jogapkärçilik çekýär.

## XV. Daşaýjyny, buýrujyny, yolagçyny jogapkärçilikden boşatmak üçin esaslar

124. Eger daşaýjynyň, buýrujynyň, ýolagçynyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmezligi:

ýeňip geçip bolmajak güýjüň;

awtomobil ýollary boýunça ulag serişdeleriniň hereketiniň daşaýja, buýruja, ýolagça bagly bolmadyk sebäplere görä, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde girizilen wagtlaýyn çäklendirilmeginiň ýa-da gadagan edilmeginiň;

daşaýja, buýruja, ýolagça bagly bolmadyk sebäpleriň netijesinde bolup geçen bolsa, olar şu Düzgünleriň XIII we XIV baplarynda göz öňünde tutulan jogapkärçilikden boşadylýar.

125. Ýatdan çykarylan we tapylan zatlar babatda edilmeli herektleriň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan düzgünleşdirilýär.

## XVI. Delilnamalary düzmegiň tertibi

126. Ýolagçylar we goşlar gatnadylanda ýa-da ulag serişdeleri ýolagçylary gatnatmak üçin berlende, daşaýjylaryň, buýrujylaryň we ýolagçylaryň jogapkärçiliginiň ýüze çykmagy üçin esas bolup durýan ýagdaýlar täjirçilik delilnamalary we umumy görnüşdäki delilnamalar bilen tassyklanýar.

127. Täjirçilik delilnamasy şu ýagdaýlar ýüze çykarylanda düzülýär:

goşlaryň adynyň we orunlarynyň sanynyň goş töleg hatynda görkezilen maglumatlara laýyk gelmeýändigi;

goşlara zeper ýetendigi (olaryň zaýalanandygy);

goş töleg hatynda görkezilen goşlaryň ýokdugy;

talap edilmedik goşlaryň tapylandygy.

128. Täjirçilik delilnamasy daşaýjy tarapyndan delilnama bilen resmileşdirilmäge degişli ýagdaýlaryň ýüze çykarylan gününde düzülýär. Eger täjirçilik delilnamasyny görkezilen möhletde düzmek mümkin bolmasa, ol şondan soňraky gije-gündiziň dowamynda düzülmelidir.

129. Täjirçilik delilnamasy iki nusgada düzülýär we haýsy-da bolsa bir düzedişler girizilmän doldurylýar.

130. Täjirçilik delilnamasynda şu maglumatlar bolmalydyr:

goşlaryň ýagdaýynyň we onuň abat saklanmandygynyň ýüze çykarylan ýagdaýlarynyň ýazgysy;

goşlaryň dogry ýüklenendigi, ýerleşdirilendigi we berkidilendigi baradaky maglumatlar;

goşlary ýüklemäge, ýerleşdirmäge we berkitmäge bildirilýän talaplaryň bozulandygynyň ýazgysy.

131. Täjirçilik delilnamasyna daşaýjy, şeýle hem eger ol goşlaryň barlagyna gatnaşan bolsa, ýolagçy gol çekýär. Ýolagçynyň talap etmegi boýunça daşaýjy täjirçilik delilnamasyny üç günüň dowamynda bermäge borçludyr. Daşaýjynyň täjirçilik delilnamasyny düzmekden ýüz dönderen halatynda ýa-da täjirçilik delilnamasy bellenen talaplar bozulyp resmileşdirilende, ýolagçy şeýle bozulmalar hakynda ýazmaça görnüşdäki arzany daşaýja berýär. Daşaýjy arza esaslandyrylan jogaby ýolagça üç günüň dowamynda bermäge borçludyr. Arzanyň esaslydygy tassyklanan halatynda, täjirçilik delilnamasyny düzmek üçin sarp edilen wagtyň dowamynda goşlaryň saklanandygy üçin ýolagçydan töleg alynmaýar.

132. Şu Düzgünleriň 127-nji bölüminde göz öňünde tutulmadyk beýleki ýagdaýlar ýüze çykarylanda umumy görnüşdäki delilnamalar resmileşdirilýär.

133. Ýolagçylaryň we goşlaryň gatnadylmagy ýa-da ýolagçylary gatnatmak üçin ulag serişdeleriniň berilmegi bilen baglanyşykly ýüze çykýan şikaýatlar daşaýjylara ýa-da buýrujylara olaryň ýerleşýän ýerinde berilýär.

134. Şikaýata ony berijiniň şikaýat bermäge hukugyny tassyklaýan şu resminamalar ýa-da olaryň bellenen tertipde tassyklanan göçürme nusgalary goşulýar:

täjirçilik deiilnamasy - daşamak üçin kabul edilen goşlaryň zaýalanan, kem çykan ýa-da olara zeper ýeten halatynda;

umumy görnüşdäki delilnama - goşlaryň eltilmeli möhletiniň geçirilen ýa-da daşaýjynyň başlangyjy esasynda buýurma boýunça ýolagçylaryň gatnawynyň bes edilen halatynda;

şäherara gatnawynda ýolagçylaryň yzygiderli gatnawyny ýerine ýetirýän ulag serişdesiniň ugradylmagynyň bökdelen ýa-da onuň gijä galyp gelen halatynda;

şertnama ýa-da ýolagçylary gatnatmak üçin ulag serişdesini bermek baradaky buýurma-tabşyryk - buýurma boýunça ýolagçylaryň gatnawyny amala aşyrmak üçin ulag serişdesiniň berilmedik halatynda.

## XVII. Arza-şikaýatlara garamagyň tertibi

135. Awtomobil ulagynda ýolagçylary gatnatmak we goşlary daşamak babatynda berlen arza-şikaýatlara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda garalýar.